Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ ESASY MAKSADYMYZ EZIZ WATANYMYZY BEÝIK GELJEGE TARAP YNAMLY ÖŇE ALYP BARMAKDAN YBARATDYR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 23-nji marty

№ 23 (10465)

DUŞENBE



# ÝURDUMYZDA BELENT ÖZGERTMELER ROWAÇLANÝAR

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan özgertmeler syýasaty hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýär. Ýurdumyzyň ykdysady ösüşini pugtalandyrmakda möhüm ähmiýetli işler alnyp barlyp, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlandyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, 20-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Mejlisde döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylygyny döwrüň talabyna görä kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow Türkmenistanyň daşary ykdysady işini mundan beýläk-de ösdürmek, şeýle hem ykdysady ugurly halkara guramalar, maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy ilerletmek babatda geçirilýän işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu ugurda alnyp barlan işleriň netijesinde, «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2026 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň», «Türkmenistanyň ykdysady ugurdaky halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça 2026 — 2028-nji ýyllar üçin Hereketleriň meýilnamasynyň», «Türkmenistanyň halkara maliýe institutlary bilen bilelikdäki işi hakynda 2026 — 2028-nji ýyllar üçin «Ýol kartasynyň» taslamalary taýýarlanyldy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna bu resminamalaryň taslamalary hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň daşary ykdysady hyzmatdaşlygynyň gerimini giňeltmek boýunça netijeli işleriň amala aşyrylýandygyny belledi hem-de ony mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen taýýarlanylan resminamalary makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Agajanow türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran dostluk saparynyň çäklerinde ýurdumyzyň nebitgaz toplumynyň ýolbaşçylarynyň Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasynyň (CNPC) ýolbaşçylary bilen geçiren duşuşyklarynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, ýakynda Milli Liderimiziň ýolbaşçylygyndaky ýurdumyzyň wekiliýetiniň Hytaý Halk Respublikasynda dostluk saparynda bolandygyny aýtdy hem-de bu saparynyň türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny ösdürmekde möhüm ähmiýetini belledi. Saparyň dowamynda netijeli duşuşyklar geçirilip, möhüm ylalaşyklar gazanyldy. Nebitgaz pudagyndaky hyzmatdaşlyk, hususan-da, «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmek boýunça hem gepleşikler geçirildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz bu taryhy taslamanyň amala aşyrylmagynyň ýurdumyzda tebigy gazyň çykarylyşyny has-da artdyrmaga, köp sanly täze iş orunlaryny döretmäge ýardam etjekdigini aýdyp, «Türkmengaz» döwlet konserniniň «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmegi hakynda Karara gol çekdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlarynda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmegi we onuň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegi, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işlerini agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alyp barmagy wise-premýere tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gözegçilik edýän toplumynda, hususan-da, Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew gözegçilik edýän toplumy tarapyndan alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek, azyk harytlarynyň üpjünçiligini has-da artdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi hem-de içerki sarp ediş bazaryny azyk harytlary bilen durnukly üpjün etmek maksady bilen taýýarlanylan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa «Turkmentravel — 2026» atly halkara syýahatçylyk sergisini we maslahaty geçirmek boýunça görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň syýahatçylyk pudagyny ösdürmäge, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy berkitmäge uly ähmiýet berilýändigini belledi we wise-premýere paýtagtymyzda geçiriljek «Turkmentravel — 2026» atly halkara syýahatçylyk sergisine we maslahata gowy taýýarlyk görmek, ony ýokary derejede geçirmek babatda degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Bütindünýä saglyk güni mynasybetli ýurdumyzda bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş çärelerini geçirmek boýunça alnyp barylýan taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Bütindünýä saglyk gününiň jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini işjeň ornaşdyrmakda, sporty ösdürmekde möhüm ähmiýetini belledi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz wise-premýere Bütindünýä saglyk güni mynasybetli ýurdumyzda sport, sagdyn durmuş çärelerini, köpçülikleýin welosipedli ýörişleri ýokary derejede geçirmäge gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew aragatnaşyk pudagynyň maddy-tehniki binýadyny has-da pugtalandyrmak boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklipleri hödürledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda aragatnaşyk pudagynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, döwrebap tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz aragatnaşyk pudagyny kämilleşdirmek we bu ugurdaky hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak boýunça taýýarlanylan teklipleri makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowyň hasabaty diňlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň abraýly maliýe institutlary we halkara banklar bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýändigini belledi hem-de Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça taýýarlanylan teklipleri makullap, bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

**20-nji martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.**

Söhbetdeşler mähirli salamlaşyp, birek-biregi we iki ýurduň doganlyk halklaryny Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutladylar.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda hyzmatdaşlygyň ähli ulgamlarda yzygiderli ösdürilýändigi bellenildi. «Ýokary derejedäki duşuşyklar yzygiderli häsiýete eýe bolup, netijeliligi bilen tapawutlanýar. Bu duşuşyklar hemişe özara gatnaşyklar babatda täze mümkinçilikleri açýar. Şu ýyl hem biz ony dowam etdirip, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň, şeýle hem sebit we halkara gün tertibiniň meseleleri boýunça dialog üçin täze duşuşyklary meýilleşdirýäris» diýip, Milli Liderimiz aýtdy we Türkmenistanda şu ýylyň güýzünde möhüm sammitleriň — Merkezi Aziýa döwletleriniň we Azerbaýjanyň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň, GDA gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň sammitiniň geçiriljekdigini aýtdy. Bu sammitlerde derwaýys meseleleriň giň toplumy boýunça içgin pikir alyşmak meýilleşdirilýär. Hormatly Arkadagymyz iki sammitiň hem çäklerinde iri medeni-ynsanperwer çäreleriň geçirilmeginiň göz öňünde tutulýandygyny aýdyp, Prezident Şawkat Mirziýoýewi ýokary düzümli wekiliýete ýolbaşçylyk edip Türkmenistana gelmäge çagyrdy.

Söhbetdeşler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meselelerine geçip, Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-özbek hökümetara toparynyň netijeli işini kanagatlanma bilen bellediler.

Söhbetdeşligiň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew birek-biregi Oraza baýramy hem-de ýetip gelýän Nowruz baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, berk jan saglyk, alyp barýan döwlet işlerinde üstünlikleri, iki ýurduň doganlyk halklaryna bolsa parahatçylyk we abadançylyk arzuw etdiler.

**«Mugallymlar gazeti».**

# DOST-DOGANLYGYŇ BERK BINÝADY

**Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky köpugurly hyzmatdaşlyk hil taýdan täze derejä çykarylýar. Gahryman Arkadagymyzyň 17 — 19-njy mart aralygynda Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran dostluk sapary ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm ädim boldy.**

## DÖWLETARA GATNAŞYKLAR PUGTALANDYRYLÝAR

18-nji martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaýa dostluk saparynyň dowamynda Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bilen resmi duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň geçirilýän ýerinde türkmen halkynyň Milli Liderini HHR-iň Başlygy mähirli garşylady. Iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň arasynda gepleşikler geçirildi.

Si Szinpin belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip gelendigi üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdi hem-de Hytaýda şu gezekki sapara ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlugyň we hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň aýdyň nyşany hökmünde garalýandygyny belledi. Ol pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimize mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

3




# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ HYTAÝYŇ «CGTN» TELEÝAÝLYMYNA BEREN INTERWÝUSY

*Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran dostluk saparynyň dowamynda Hytaýyň «CGTN» teleýaýlymynyň esasy alypbaryjysy He Ýanke bilen bolan söhbetdeşligiň öňüsyrasynda onuň bilen iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary barada pikir alyşdy.*

*Häzirki döwürde Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň tutuş adamzat ähmiýetli öňe sürýän başlangyçlary Milletler Bileleşigi tarapyndan ykrar edilýär. Munuň özi Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki abraýynyň belende galmagyna giň ýol açýar. Bu bolsa dünýäniň iri köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ünsüni özüne çekýär. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen HHR-iň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklar iki ýurduň halkara hyzmatdaşlygynyň esasyny düzýär. Bu ýerde žurnalist Gahryman Arkadagymyzyň ömür ýoly, döredijiligi, ýazan kitaplary bilen gyzyklanýandygyny nygtady.*

*Soňra alypbaryjy He Ýanke Milli Liderimizden teleýaýlymyň belent mertebeli myhmanlar üçin niýetlenen Ýazgylar kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrmagyny haýyş etdi. Gahryman Arkadagymyz dünýäde meşhurlyk gazanan «CGTN» teleýaýlymynyň Ýazgylar kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyryp, iki ýurduň arasynda ýola goýlan gatnaşyklaryň mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdüriljekdigine ynam bildirdi.*

*Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «CGTN» teleýaýlymynyň esasy alypbaryjysy bilen sowal-jogap arkaly söhbetdeş boldy.*

***— Hormatly Milli Lider, şu interwýuny bermäge wagt tapandygyňyz üçin Size köp sagbolsun aýdýarys. Biziň ilkinji sowalymyz: Siz Türkmenistanyň we Hytaýyň, türkmen hem-de hytaý halklarynyň arasyndaky özara gatnaşyklary, umuman, nähili beýan edersiňiz? Bu gatnaşyklar nähili ýola goýulýar?***

— Siziň sowalyňyza jogap bermezden ozal, şu interwýuny guramak başlangyjy bilen çykyş eden «CGTN» teleýaýlymynyň ýolbaşçylaryna minnetdarlygymy bildirýärin. Hytaýyň özünde-de, onuň çäklerinden daşarda-da köpmillionly tomaşaçysy bolan abraýly teleýaýlymyň sowallaryna jogap bermek iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary berkitmäge ýardam eder. Häzirki Türkmenistany has gowy tanamaga, onuň içeri we daşary syýasatynyň aýratynlyklaryna, biziň döwlet maksatnamalarymyza, ileri tutulýan ugurlarymyza düşünmäge mümkinçilik berer. Indi bolsa siziň sowalyňyza geçeliň!

Türkmenistan bilen Hytaýyň, biziň halklarymyzyň gatnaşyklaryny dogruçyl beýan etmek üçin onuň taryhy esaslaryny bilmek we olara düşünmek gerek. Bu gatnaşyklaryň arasy hiç haçan üzülmedi, ol köp asyrlaryň dowamynda aýratyn geografik, syýasy, ykdysady we medeni giňişligi döretdi. Bu giňişlikde türkmenler hem-de hytaýlar bilelikde ýaşap, özara gatnaşyk etdiler. Tejribe topladylar, däp-dessurlaryny kemala getirdiler. Bilimlerini, endiklerini, ruhy we maddy gymmatlyklaryny paýlaşdylar. Munuň özi iki ýurduň hem-de olaryň halklarynyň häzirki hyzmatdaşlygynyň derejesini, many-mazmunyny has-da berkitdi. Şoňa görä-de, Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we özara ynanyşmak däpleri kanunalaýyk ýagdaý boldy. Biz muňa buýsanýarys. Häzirki döwürde biziň özara gatnaşyklarymyz wagtyň synagyndan geçen we tassyklanan bilelikdäki asylly tejribämize — dogruçyllyga, açyklyga esaslanýar.

Şu ýerde özboluşly resminama bolan «Kasam şertnamasyny» ýatlamak ýerlikli bolsa gerek. Oňa türkmenleriň ata-babalary Hytaýyň halky bilen biziň eýýamymyzdan ozalky 49-njy ýylda gol çekipdirler. «Kasam şertnamasynyň» adynyň özi iki halkyň özara gatnaşyklarynyň esasynda synmaz we mukaddes kadalaryň goýlandygyny görkezýär. Häzirki döwürde Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň ýolbaşçylary örän baý taryhy esaslara daýanyp, hyzmatdaşlygyň şol ruhuny hem-de däplerini dikeldýärler. Döwletara gatnaşyklaryň taryhynyň müňýyllyklara, Beýik Ýüpek ýolunyň döwrüne uzap gidýändigine iki ýurtda hem düşünmek bilen garalýar. Bu bolsa biziň uly gymmatlygymyzdyr, dostlugymyzyň, özara bähbitli, deňhukukly hyzmatdaşlygymyzyň hemişelik esasydyr.

***— Türkmen-hytaý ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy nähili we haýsy ugurlarda ösdürilýär?***

— Syýasy-diplomatik hyzmatdaşlykdan başlaýyn. Hytaý Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny ilkinjileriň biri bolup ykrar etdi. Ol 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda biziň ýurdumyz bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan dünýäde ilkinji ýurt boldy. 2013-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak barada Bilelikdäki Jarnama gol çekildi. Netijede, 2023-nji ýylyň ýanwarynda biziň ýurtlarymyz Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda Bilelikdäki Beýannama gol çekilenden soň, hemmetaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy ösdürmäge ygrarlydyklaryny tassykladylar. Bu resminamalar türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň döwletara hyzmatdaşlygyň ýokary derejesine çykandygyny aňladýar.

Iki döwlet daşary syýasy derejede netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Ikitaraplaýyn diplomatik gatnaşyklaryň we geňeşmeleriň usullary döredildi. Iri halkara guramalarda, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynda birek-biregi goldamagyň tejribesi ýola goýuldy. Bu bolsa dünýä we sebit gün tertibiniň örän möhüm soraglary boýunça özara düşünişmegiň, netijeli usullaryň ýola goýlandygyny görkezýär. Hytaýyň Türkmenistanyň Bitaraplygyny, biziň halkara başlangyçlarymyzy üýtgewsiz goldaýandygyna ýokary baha berýärin hem-de munuň üçin minnetdarlyk bildirýärin. Öz gezeginde, Türkmenistan hem hytaýly dostlarymyz üçin wajyp soraglara, şol sanda Hytaý Halk Respublikasynyň çäkleriniň umumylygyna hem-de bitewüligine degişli soraglara garaýyşlaryny hemişe anyk beýan edýär. Biz «Bitewi Hytaý» syýasatyna pugta eýerýäris we Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň bütin Hytaýa wekilçilik edýän ýeke-täk kanuny Hökümet bolup durýandygyny tassyklaýarys.

Hytaý bilen köptaraply görnüşdäki netijeli hyzmatdaşlygy hem bellemek isleýärin. Türkmenistan Hytaý Halk Respublikasynyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň esaslandyryjylarynyň biri hökmünde alyp barýan işine hormat goýýar. Biziň ýurdumyz ŞHG-niň sammitlerine hormatly myhman hökmünde gatnaşýar. Şeýle hem döwletlerimiziň öňe süren başlangyjynyň esasynda döredilen «Merkezi Aziýa — Hytaý» formatyndaky hyzmatdaşlyk barha ösýär.

Hytaý köp ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň iň iri söwda-ykdysady hyzmatdaşy bolup durýar. 2007-nji ýyldan häzirki döwre çenli biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky haryt dolanyşygy 20 esse artdy. Haryt dolanyşygynyň durnukly saklanýandygyny hem-de her ýylda 9-10 milliard amerikan dollaryna barabar bolýandygyny bellemek möhümdir. Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygymyz esasy ugurlar bolan energetika, ulag, aragatnaşyk, ýokary tehnologiýalar pudaklaryny, dokma we agrosenagat toplumlaryny, ençeme beýleki ugurlary öz içine alýar.

Nebitgaz pudagynda özara bähbitli gatnaşyk etmegiň özboluşly tejribesi toplandy. Hytaý Halk Respublikasynyň tejribesini we mümkinçiliklerini nazara almak bilen, gaýtadan dikeldilýän energiýa babatda geljegi uly işläp taýýarlamalarymyz hem bar. Hytaý bilen hyzmatdaşlykda biziň ulag pudagymyz ýokary depginde ösýär. Bu ugurda anyk mysallary getireýin: häzirki döwürde Türkmenistanyň demir ýollarynda hereket edýän wagonlaryň hem-de lokomotiwleriň 90 göterimi Hytaýda öndürildi. Hytaý wagonlaryny, teplowozlaryny satyn almakdan başga-da, Gündogar — Günbatar ugry boýunça üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmekde hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

2014-nji ýylda uzynlygy 750 kilometrden gowrak bolan, goňşy ýurtlaryň çäkleriniň üstünden geçip, Hytaý bilen Türkmenistany birleşdirýän demir ýol ulgamy ulanmaga berildi. Soňky ýyllarda hytaý awtomobilleriniň, esasan-da, awtobuslarynyň satyn alnyşy ep-esli artdy. Biziň ýurtlarymyzyň Pars aýlagyna we Hind ummanyndaky terminallara çykmak bilen, Hazar deňzinde söwda kommunikasiýalaryny ösdürmekde mümkinçiliklerini birleşdirmek üçin ähli şertleriň bardygyna ynanýaryn. Bularyň ählisi Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjynyň Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasy bilen utgaşýandygyny görkezýär.

Häzirki şertlerde hakyky özara gyzyklanmanyň bolmagy Türkmenistana we Hytaýa iri ulag-logistika taslamalaryny durmuşa geçirmek babatda hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürmäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa Ýuwaş ummandan Atlantik ummana çenli ägirt uly giňişligi birleşdirip, Ýewraziýada ykdysadyýeti ösdürmäge kuwwatly itergi berer. Önümçilik we tehnologik ulgamlaryň, senagat guşaklarynyň arasynda özara baglanyşygy emele getirer. Köp sanly durmuş soraglaryny çözmäge, halklaryň ýaşaýşynyň we abadançylygynyň hilini ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Agrosenagat toplumynda türkmen we hytaý hünärmenleri Türkmenistanda öňden bäri ösdürilip ýetişdirilýän oba hojalyk ekinleriniň aýry-aýry görnüşleriniň üstünde işleýärler. Biz şäher gurluşygynda ysnyşykly kooperasiýa, häzirki zaman «akylly» şäher üpjünçilik ulgamlaryny döretmäge hem taýýardyrys. Bu ugurda Hytaý dünýäde öňdebaryjy hökmünde ykrar edilýär. Hyzmatdaşlyk etmegiň gün tertibinde ýokary tehnologiýalar, telekommunikasiýalar we kosmonawtika pudaklary hem bar.

***— Siz hyzmatdaşlyk etmegiň örän möhüm ugurlarynyň hatarynda energetika pudagyny agzap geçdiňiz. Bu ulgamda işler nähili alnyp barylýar?***

— Ýangyç-energetika pudagy türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň strategik ugrudyr. Bu, elbetde, düşnüklidir: biziň döwletlerimiz bu ugurda ägirt uly mümkinçilige eýedirler. Mälim bolşy ýaly, 2006-njy ýylyň aprelinde Türkmenistan — Hytaý gaz geçirijisiniň taslamasyny amala aşyrmak we türkmen tebigy gazyny Hytaý Halk Respublikasyna ibermek barada Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Baş ylalaşyga gol çekildi. 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda bu gaz geçiriji ulanmaga berildi. Şol günden başlap, ylalaşyga laýyklykda, Türkmenistan her ýyl Hytaýa 40 milliard kub metre golaý gazy iberýär.

2026-njy ýylyň 1-nji martyndaky ýagdaýa görä, Türkmenistan — Hytaý gaz geçirijisi boýunça Hytaýa 460 milliard kub metre golaý tebigy gaz iberildi. Häzirki döwürde biz her ýylda iberilýän gazyň möçberini 65 milliard kub metre çenli artdyrmagyň üstünde bilelikde işleýäris. Şeýle gaz strategiýasy Türkmenistanyň we Hytaýyň uzak möhletleýin bähbitlerine, ählumumy ykdysady ösüşiň ýagdaýyna laýyk gelýär. Bu işde energiýa serişdelerini ibermegiň orny barha artýar. Munuň özi deňhukuklylyga, mümkinçilikleriň hem-de geljegiň gerimine esaslanýan hakyky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösüşini görkezýär. Ahyrky netijede, bu turba geçiriji energiýa taslamalaryna ähli gatnaşyjylaryň — öndürijileriň, üstaşyr geçirijileriň, sarp edijileriň bähbitlerini hasaba almagyň hakyky, iş ýüzündäki mysalydyr. Şu ýerde dünýä bazarlaryny energiýa çig maly bilen ygtybarly we howpsuz üpjün etmek bilen bagly soraglarda Türkmenistanyň hem-de Hytaý Halk Respublikasynyň garaýyşlarynyň ýakyndygyny bellemek ýerlikli bolar.

Men ýene-de bir örän möhüm wakany nygtamak isleýärin. Hytaýyň «CNPC» kompaniýasy Türkmenistanyň günorta-gündogaryndaky, dünýäde iň iri gaz ýataklarynyň biri bolan «Galkynyş» känini özleşdirmek boýunça halkara bäsleşigiň ýeňijisi boldy. Bu taslama tebigy gazyň her ýylda 10 milliard kub metrini goşmaça ibermäge niýetlenendir. Şeýlelikde, uzak möhletleýin bökdençsiz ulanmak üçin türkmen energiýa serişdelerini Hytaýa eksport etmegiň kuwwatly üpjünçilik ulgamlary bilelikde, yzygiderli we gyşarnyksyz ösdürilýär. Türkmenistanyň gaz ýataklaryny özleşdirmäge köp ýyllaryň dowamynda gatnaşýan hytaýly hyzmatdaşlarymyzyň ak ýürekli işleýändiklerini aýratyn bellemek gerek. Ýurdumyzda hytaýly hünärmenleriň işi dowam eder we giňeler. Bu bolsa iki ýurduň düýpli bähbitlerine, Aziýa yklymynda energetika durnuklylygynyň hem-de howpsuzlygynyň maksatlaryna laýyk gelýär.

***— Siz, umuman, türkmen-hytaý döwletara hyzmatdaşlygynyň geljegine we wezipelerine nähili baha berýärsiňiz?***

— Onuň geljegi aýdyňdyr. Sebäbi biziň gatnaşyklarymyz yzygiderli ösdürilýär hem-de ol onýyllyklara niýetlenendir. Iki tarap hem biziň halklarymyzyň we döwletlerimiziň bähbidine peýdalanmak zerur bolan ägirt uly mümkinçiligiň bardygyna düşünýär. Şonuň esasynda degişli usullar döredilýär. Şolaryň biri-de 2008-nji ýylda döredilen Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý komitetidir. Onuň işiniň maksady howpsuzlyk, söwda, energetika, ulag, ylym we tehnika, medeni-ynsanperwer gatnaşyklar ýaly esasy ugurlarda iki ýurduň hyzmatdaşlygyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Howpsuzlyk ulgamynda bu üç wehime — terrorçylyga, ekstremizme we başbozarlyga, şeýle hem serhetüsti jenaýatçylygyň dürli görnüşlerine garşy bilelikde göreşmegi aňladýar. Häzirki döwürde gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalara laýyklykda, biziň ygtyýarly edaralarymyz kiber we biologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň üstünde işleýärler.

Türkmenistan we Hytaý Halk Respublikasy sebit işlerine netijeli we işjeň gatnaşyjylardyr. Hytaýyň goldamagy bilen, 2021-nji ýylda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça hyzmatdaşlyk etmegiň täze görnüşi — Owganystan bilen goňşy döwletleriň daşary işler ministrleriniň duşuşyklary ýola goýuldy. Türkmenistan we Hytaý onuň işine bilelikde uly goşant goşýarlar. Ol Aziýada howpsuzlygy goramagyň, pugtalandyrmagyň, ykdysady ösüşiň aýrylmaz bölegi hökmünde Owganystanda pugta parahatçylygy, ylalaşygy gazanmaga we bu ýurdy dikeltmäge gönükdirilendir. Biz howpsuzlyk boýunça ençeme beýleki köptaraplaýyn ugurlarda hem bilelikde işleýäris.

Biziň döwletlerimiziň Baştutanlarynyň söwdanyň möçberini giňeltmek we ony diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, ykdysady hyzmatdaşlykda hususy pudagyň ornuny ýokarlandyrmak boýunça bellän wezipelerini hem durmuşa geçirmelidiris. Ylmy-tehnologik kooperasiýa-da örän möhümdir. Bu wezipeleri çözmekde türkmen we hytaý tarapy hemişe yzygiderli iş alyp barýarlar.

***— Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň strategik hyzmatdaşlygynda medeni-ynsanperwer gatnaşyklar nähili orny eýeleýär?***

— Bu gatnaşyklar örän möhüm we kesgitleýji orunlaryň birini eýeleýär. Çünki Türkmenistanyň hem, Hytaýyň hem döwlet gurluşy, özygtyýarlylygy, milli özboluşlylygy düýpli taryhy, ruhy we medeni köklere daýanýar. Biz häzirki döwürde öz gatnaşyklarymyzy ýola goýanymyzda, döwletara hyzmatdaşlygyň esasynda şulary göz öňünde tutup, olardan ruhlanýarys we şol gatnaşyklara daýanýarys. Munuň özi Türkmenistan bilen Hytaýa birek-biregiň öňünde umumy, düşnükli maksatlary goýmaga we olara ýetmegiň ýollaryny tapmaga mümkinçilik berýän örän möhüm artykmaçlykdyr. Bu işde medeni, ylym-bilim gatnaşyklaryna aýratyn ähmiýet berilýändigi hem-de bu ugurda döwlet goldawynyň üpjün edilýändigi kanunalaýyk ýagdaýdyr.

3

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ HYTAÝYŇ «CGTN» TELEÝAÝLYMYNA BEREN INTERWÝUSY

2

Bu bolsa dürli görnüşde — özara Medeniýet günlerini we ýyllaryny geçirmekde, sungat ussatlarynyň saparlarynda, çykyşlarynda, festiwallary, maslahatlary guramakda öz beýanyny tapýar. Häzirki wagtda Hytaýda Türkmenistanyň we Türkmenistanda Hytaýyň Medeniýet merkezlerini açmak barada gepleşikler alnyp barylýar.

Bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyk barada aýratyn bellemek isleýärin. Häzirki döwürde Hytaýyň bilim ojaklarynda Türkmenistanyň raýatlarynyň 10 müňden gowragy okaýar. Türkmenistanyň 9 sany ýokary okuw mekdebinde, 10 sany orta mekdebinde hytaý dili öwrenilýär. Biz öz tarapymyzdan Hytaý Halk Respublikasynyň okuw mekdeplerinde türkmen diliniň öwrenilmegini guramakda ýardam bermäge, munuň üçin mugallymlary we hünärmenleri ibermäge taýýardyrys. Bu bolsa biziň hyzmatdaşlygymyzyň geljegine maýa goýumlardyr, türkmen we hytaý halklarynyň arasynda dostlugyň, özara düşünişmegiň aýdyň nyşanydyr.

Gündogar müçenamasy boýunça 2026-njy ýyl bedew ýylydyr. Biziň ýurdumyzda şu ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýyly» şygary astynda geçýär. Men bu barada ýöne ýere aýtmaýaryn. Sebäbi atlar, behişdi bedewler türkmen we hytaý halklarynyň bilelikdäki taryhy mirasynyň nyşanlarynyň biridir. Baryp biziň zamanamyzdan ozalky II asyrda türkmen halkynyň Hytaýyň imperatoryna behişdi bedewleri — şöhratly ahalteke atlaryny sowgat berendigi mälimdir. Munuň özi möhüm dostlukly diplomatik we strategik wakadyr.

Atçylygyň hyzmatdaşlyk etmegiň möhüm ugruna öwrülmegi üçin uly mümkinçilik bar. Hytaý atşynaslary Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzalary bolup durýarlar. Biziň döwlet Baştutanymyz bu assosiasiýanyň Prezidentidir. Biz hytaý atşynaslaryny şu ýyl Türkmenistanda geçiriljek çärelere çagyrýarys.

***— Siziň dünýädäki häzirki ýagdaýa berýän bahaňyz we bu ýagdaýlarda Türkmenistanyň we Hytaýyň orny barada soramak isleýärin.***

— Häzirki ýagdaý çylşyrymly. Ýöne, muňa garamazdan, ony kadalaşdyrmak, gapma-garşylygy aradan aýyrmak, medeniýetli gepleşikler ýoluna geçmek üçin mümkinçilikler bar diýip hasap edýärin. Bu ugurda Birleşen Milletler Guramasynyň gurallary we mümkinçilikleri bar, olary ulanmak zerurdyr.

Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistan gapma-garşylyklara goşulmaýar. Şonuň üçin biziň ýurdumyz halkara gatnaşyklarda güýç ulanmak usulyny kabul etmeýär. Munuň özi biziň üçin diňe iş ýüzündäki syýasy sorag bolman, eýsem, ilkinji nobatda, ahlak bilen bagly soragdyr. Sebäbi uruşlar, ilki bilen, adamlara, olaryň ykbalyna, durmuş ýagdaýlaryna, arzuw-hyýallaryna we umytlaryna zarba urýar. Uruşda bularyň ählisi bir pursatda ýom-ýok bolýar. Şoňa görä-de, häzirki döwürde uruş etmek üçin tagallalary iki esse artdyrmaly däl-de, şol uruşlary aradan aýyrmak üçin on esse tagalla etmeli. Şu ýerde men geçmişde ýaşan bir parasatly şahsyýetiň sözlerini mysal getirmek isleýärin. Bu sözler orta asyr görnükli türkmen döwlet işgäri Baýram han Türkmene degişlidir. Ol: «Parahat ýaşamagy başarmak bilen deňeşdirilende, uruşda ýeňiş gazanmak hiç zatdyr» diýipdir.

Türkmenistan we Hytaý parahatçylyga, hoşniýetli goňşuçylyga, ylalaşyga berk ygrarlydyr. Biziň ýurtlarymyz bilelikde dünýä syýasatynda ynanyşmagy, özara hormat goýmagy ykrar etmek üçin mümkin bolan ähli tagallalary edýärler. Bu hem biziň doganlyk halklarymyzy we döwletlerimizi birleşdirýän ýene-de bir berk esasy güýçdür. Ýöne bu sowalyňyza umuman jogap bermek bilen, men syýasatçy däl-de, ýönekeý raýat hökmünde öz pikirimi aýtsam: «Atylan ok hiç haçan yzyna gaýtmaýar». Ol sen harbymy, esgermi, ýönekeý raýatmy ýa-da çagamy... — saýgarmaýar. Gynansak-da, onda diňe pida getirýär. Şonuň üçin taryha ser salsak, onda hiç haçan urşuň ýeňen ýeri ýokdur.

Men şu jümleler arkaly sözümi jemlemek bilen, tutuş adamzadyň abadan, parahat we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny arzuw edýärin.

***— Köne dost hökmünde Siz Başlyk Si Szinpini nähili lider hökmünde görýärsiňiz?***

— Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy bilen bizi mähirli dostluk baglanyşdyrýar. Köp ýyllaryň dowamynda biz ýurtlarymyzyň arasynda syýasy, ykdysady, ynsanperwer hyzmatdaşlygy ýola goýduk. Giň möçberli bilelikdäki taslamalary amala aşyrdyk. Sebit we ählumumy howpsuzlygy, durnukly ösüşi gazanmak üçin mümkinçiliklerimizi hem-de tagallalarymyzy birleşdirdik. Başlyk Si bilen gatnaşyklarymyz hemişe açyklygy, özara ynanyşmagy hem-de aç-açanlygy bilen tapawutlanýar.

Hytaýyň milli bähbitlerini erjel we aýgytly goramagy, örän möhüm halkara soraglara jogapkärli çemeleşmegi Si Szinpine dünýä derejeli lider hökmünde abraý we hormat getirdi. Onuň ýolbaşçylygynda Hytaý ähli ugurlarda ajaýyp üstünlikleri gazanyp, geljek üçin maksatnamalaryny düzýär. Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň hem-de Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Ählihytaý komitetiniň ýakynda geçirilen sessiýalarynyň netijeleri we şolarda kabul edilen çözgütler hem muny doly tassyklaýar. Mümkinçilikden peýdalanyp, hytaý halkyny şu wajyp waka bilen gutlaýaryn.

Başlyk Siniň halkara işi barada aýdylanda, onuň öňe süren dört sany ählumumy başlangyjyny bellemek isleýärin. Olar Ählumumy howpsuzlyk, Ählumumy siwilizasiýa, Ählumumy ösüş, Ählumumy dolandyryş başlangyçlarydyr. Men bu başlangyçlara ähli adamzat üçin strategik ähmiýetli we möhüm şertler hökmünde garaýaryn. Başlyk Siniň bu dört başlangyjy Türkmenistanyň «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog — parahatçylygyň kepili» ýaly ählumumy başlangyçlarynyň many-mazmunyna we strategik ugruna laýyk gelýär. Bular biziň ýurtlarymyza hyzmatdaşlyga has netijeli şertlerini hem-de mümkinçiliklerini açýar.

Men dünýäde howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň örän möhüm daýanjy bolan beýik Hytaý döwletini ösdürmekde Si Szinpiniň lider hökmünde aýgytly orny eýeleýändigine ynanýaryn. Şunuň bilen baglylykda, sözümiň ahyrynda «Hytaýda ähli zat gowy bolsa, bütin dünýäde hem gowy bolar» diýesim gelýär. Hormatly Si Szinpine — beýik şahsyýet, dünýä derejeli liderе berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, döwlet işinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri, Hytaýyň halkyna bolsa gülläp ösüş arzuw edýärin. Sag boluň!

# DOST-DOGANLYGYŇ BERK BINÝADY

1

Türkmen halkynyň Milli Lideri hoşniýetli sözler we bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, şu gezekki duşuşyga ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlugyň, hyzmatdaşlygyň, özara hormat goýmagyň nyşany hökmünde garaýandygyny belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, hormatly Prezidentimiziň iberen salamyny ýetirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, ýurtlarymyz BMG-niň hem-de beýleki halkara guramalarynyň, «Merkezi Aziýa — Hytaý» formatynyň çäklerinde tagallalary utgaşdyrýarlar. Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar hemmetaraplaýyn strategik hyzmatdaşlyk derejesine çykarylyp, many-mazmun taýdan baýlaşdyrylýar.

«Häzirki wagtda döwletara gatnaşyklaryň durnukly we ygtybarly ulgamy döredildi. Bu gatnaşyklar wagtyň synagyndan geçip, öz netijeliligini hem-de türkmen we hytaý halklarynyň uzak möhletli bähbitlerine laýyk gelýändigini görkezdi» diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

Milli Liderimiz Hytaýyň öňe sürýän Howpsuzlyk, Siwilizasiýa, Ösüş, Dolandyryş ýaly ählumumy başlangyçlarynyň ähmiýetine ünsi çekdi. «Bularyň ählisi Türkmenistanyň «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog — parahatçylygyň kepili» ýaly halkara başlangyçlarynyň maksatlaryna hem-de filosofiýasyna, ýurdumyzyň dünýä syýasatynda ynanyşmak we deňhukukly özara hormat goýmak dialogy ýörelgelerini berkarar etmek boýunça strategik ugruna laýyk gelýär» diýip, hormatly Arkadagymyz aýtdy.

Ýangyç-energetika ulgamy hem hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy «Galkynyş» gaz käniniň özleşdirmek boýunça bilelikdäki taslamalaryň wajyp ähmiýetini belledi. Şunda gaz pudagynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň gazanylan oňyn tejribesini nazara almak bilen, ýurdumyzyň iň iri gaz käninde mundan beýläk-de bilelikde iş alyp barmagyň mümkinçilikleri barada pikir alşyldy. Hormatly Arkadagymyz Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasynyň Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy bilen utgaşdyrylmagynyň çäklerinde ulag-logistika ulgamynda hyzmatdaşlyk üçin täze mümkinçilikleriň açylýandygyna ünsi çekdi.

Duşuşygyň dowamynda medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşylyp, şunda ylym we bilim ulgamlarynyň möhüm orny bellenildi. Milli Liderimiz türkmen ýaşlaryna Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga döredilýän mümkinçilikler üçin hytaý tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

Öz gezeginde, Si Szinpin ylym, bilim we beýleki durmuş ugurlarynda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge gyzyklanma bildirýändigini aýtdy hem-de ýakyn wagtda Türkmenistanda «Lu Ban ussahanalaryny» hem-de Adaty hytaý lukmançylyk merkezini açmak boýunça taslamalaryň amala aşyryljakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşykda türkmen halkynyň Milli Lideri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň HHR-iň Başlygy Si Szinpine özi üçin islendik amatly wagtda ýurdumyza sapar bilen gelmäge iberen çakylyk hatyny gowşurdy.

Duşuşykdan soňra, Gahryman Arkadagymyz we HHR-iň Başlygy dostlukly gezelenç etdiler. Munuň özi Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklarda ynanyşmagyň we özara düşünişmegiň ýokary derejesiniň aýdyň beýanydyr. Soňra özara sowgat alyşmak dabarasy boldy. Milli Liderimiziň hormatly Prezidentimiziň adyndan Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpine Gadyrly atly ahalteke bedewini sowgat bermegi dostlukly halklaryň gatnaşyklarynyň üstünlikli ösdüriljekdigini görkezýän ajaýyp waka öwrüldi.

Si Szinpin ajaýyp sowgady hoşallyk bilen kabul edip, Hytaýda ahalteke bedewlerine uly hormat goýulýandygyny belledi.

### NETIJELI HYZMATDAŞLYK

Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow HHR-e dostluk saparynyň çäklerinde Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasynyň (CNPC) direktorlar geňeşiniň başlygy Daý Houlýan bilen duşuşdy.

Duşuşygyň öňüsyrasynda «CNPC-niň» ýolbaşçysy Gahryman Arkadagymyzy korporasiýanyň wekilleri bilen tanyşdyrdy. Soňra bilelikde ýadygärlik surata düşmek dabarasy boldy.

Hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we ony ösdürmegiň geljekki ugurlary barada pikir alyşmalaryň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ýurdumyzyň «CNPC» korporasiýasy bilen özara tejribe alyşmagy dowam etdirmegi, hyzmatdaşlygy has-da ilerletmegi maksat edinýändigini tassyklady. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz nebitgaz pudagynda özüni ýurdumyzyň ygtybarly hyzmatdaşy hökmünde görkezen «CNPC-niň» möhüm ornuna ünsi çekdi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Arkadagymyz hem-de HHR-iň iri korporasiýasynyň ýolbaşçysy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi barada pikir alyşdylar. Şunda «Galkynyş» gaz käniniň nobatdaky tapgyryny özleşdirmek babatda gazanylan ylalaşygyň wajyp ähmiýeti bellenildi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy «Galkynyş» gaz käniniň tapgyrlaýyn özleşdirilmegi netijesinde müňlerçe täze iş ornunyň döredilendigini aýtdy.

Daý Houlýan Türkmenistan bilen ýangyç-energetika pudagynda ýola goýlan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de dowam etdirmäge taýýardygyny tassyklap, ýolbaşçylyk edýän korporasiýasynyň hyzmatdaşlyk borçnamalaryna hemişe jogapkärçilikli çemeleşjekdigine ynandyrdy.

### BEDEWLERIŇ ŞAN-ŞÖHRATY

19-njy martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasyna dostluk saparynyň çäklerinde «Equuleus» halkara atçylyk toplumyna baryp gördi.

Toplumyň merkezi girelgesiniň öňünde Gahryman Arkadagymyzy Hytaý Atçylyk assosiasiýasynyň ýolbaşçylary, akademiki toparlaryň, «Equuleus» halkara atçylyk toplumynyň wekilleri mähirli garşyladylar. Olar Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyny dünýäniň ahalteke atçylygyny ösdürmäge uly goşant goşan şahsyýet hökmünde mübäreklediler. Soňra hytaý tarapynyň wekilleri Milli Liderimizi toplum bilen tanyşdyrdylar.

Haly düşelen ýodajygyň ugrunda sazandalar topary hytaý saz gurallarynda milli sazlary ýerine ýetirdiler. Gahryman Arkadagymyz sazandalara çykyşlary üçin minnetdarlyk bildirip, olary Türkmen bedewiniň milli baýramyna hem-de Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyna bagyşlanyp geçiriljek dabaralara gatnaşmaga ýurdumyza çagyrdy.

Ýolugra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ahalteke bedewiniň keşbi şekillendirilen halyny synlady. Soňra belent mertebeli türkmen myhmanyna atlaryň gezim etdirilişi we hytaý tohum itleri görkezildi. Gahryman Arkadagymyz toplumda atlaryň çykyşlaryna tomaşa etdi we bu ýerde ahalteke atlaryny synlady. Hormatly Arkadagymyz türkmen halkynyň gadymdan gelýän däbine eýerip, bu ýerde behişdi ahalteke bedewiniň boýnuna alaja daňdy.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy toplumyň dolandyryş binasynda ýaýbaňlandyrylan sungat eserleriniň sergisini synlady. Sergi bilen tanyşlykdan soňra, Gahryman Arkadagymyz Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzalary we ahalteke bedewleriniň hytaýly muşdaklary bilen duşuşdy.

«Equuleus» halkara atçylyk toplumynyň esaslandyryjysy hanym Wan Szýan duşuşygy açdy we türkmen halkynyň Milli Liderine topluma gelip görendigi üçin hoşallyk bildirip, uly hormat bilen söz berdi.

Gahryman Arkadagymyz, ilki bilen, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpine dostluk sapary bilen gelmäge çakylygy üçin minnetdarlygyny beýan edip, Hytaýa şu gezekki saparynyň çäklerinde Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzalary we ahalteke bedewleriniň hytaýly muşdaklary bilen duşuşmaga şatdygyny aýtdy.

Hytaý Atçylyk assosiasiýasynyň Baş sekretary Ýue Gaofeng Milli Liderimize Hytaýyň ähli atşynaslarynyň adyndan hoşallyk bildirip, bilelikde ýadygärlik surata düşmegi haýyş etdi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow olar bilen ýadygärlik surata düşdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz hemmeler bilen mähirli hoşlaşyp, Pekiniň «Şoudu» Halkara howa menziline bardy we bu ýerden Watanymyza ugrady.

Birnäçe sagatdan soňra, Milli Liderimiziň uçary paýtagtymyzyň Halkara howa menziline geldi. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary garşyladylar.

Şeýlelikde, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaý Halk Respublikasyna dostluk sapary ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýyl ýazgysynda möhüm sahypany açyp, strategik hyzmatdaşlyga kuwwatly itergi beren waka öwrüldi. Saparyň dowamynda gazanylan ylalaşyklar we özara düşünişmegiň ýokary derejesi iki ýurduň hem dürli ulgamlarda özara gatnaşyklary ösdürmegi maksat edinýändiklerini tassyklady.

**«Mugallymlar gazeti».**

***Bilim bagtyýarlyga, ruhubelentlige, rowaçlyga deňelýär hem-de aýdyň geljegiň gözbaşy hasaplanýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli bilim ulgamy dünýä giňişligine aralaşýar. Ruhy taýdan kämil, giň dünýägaraýyşly ýaş nesilleri terbiýelemek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde, ylymly, bilimli nesiller terbiýelenip ýetişdirilýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlaryň zehinlerini ýüze çykarmaga, ýokary okuw mekdeplerinde hünärmenleri taýýarlamaga, sanly bilim ulgamyny ösdürmäge, tebigy we takyk ylmy ugurlarda degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmäge, bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge uly üns berilýär. Zehinli talyp ýaşlar bu günki gün döwlet we halkara ders bäsleşiklerinde çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar.***

# HALKARA BILIM BÄSLEŞIGI

Ýakynda, has takygy, 18-nji martda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sanly ulgam arkaly «Materiallaryň garşylygy» dersinden V Açyk halkara internet olimpiadasy geçirildi.

Internet olimpiadasyna Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Awstraliýadan, Germaniýa Federatiw Respublikasyndan, Rumyniýadan, Malaýziýadan, Hytaý Halk Respublikasyndan, Russiýa Federasiýasyndan, Belarus Respublikasyndan, Gazagystan Respublikasyndan, Gyrgyz Respublikasyndan, Azerbaýjan Respublikasyndan, Özbegistan Respublikasyndan, Türkiýeden, Uganda döwletinden, Pakistan Yslam Respublikasyndan hem-de ýurdumyzyň ugurdaş ýokary okuw mekdeplerinden jemi 877 talyp gatnaşdy.



Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine aralaşýan döwründe öňde duran esasy wezipe zehinli, döredijilige ukyply, başarjaň ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam bermekden ybaratdyr. Häzirki ajaýyp döwrümizde sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ulanmagyň netijesinde zehinli talyplaryň ders we taslama bäsleşiklerine köpçülikleýin gatnaşmagyna giň mümkinçilikler döredilendir. Şeýle bäsleşikleriň geçirilmeginiň maksady, ilkinji nobatda, ýurdumyzyň batly depginler bilen ösýän bazar ykdysadyýetiniň innowasion tehnologiýaly pudaklary üçin ylmy gözleglere ukyply, işbaşarjaň ýaşlary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda «Materiallaryň garşylygy» dersinde geçirilen bäsleşikde talyplara alty sany mesele hödürlendi. Bäsleşige taýýarlykly gelen ýaşlar berlen wagtyň dowamynda çylşyrymly meseläniň çözgüdini erjellik bilen tapmagy başardylar. Munuň özi ylymlar dünýäsine has içgin aralaşýan ýaşlaryň ukyp-başarnyklaryny, zehinlerini doly açyp görkezdi. Ýokary ruhubelentlik bilen işjeň ýagdaýda geçen internet olimpiadasy ýaşlarymyz üçin diňe bir bäsleşik bolman, eýsem, saýlap alan hünärlerine ugrukmaga-da mümkinçilik boldy. Bu ders gurluşyk inženerçiliginiň sarsmaz binýady bolup, desgalaryň durnuklylygyny we ygtybarlylygyny üpjün etmekde esasy orny eýeleýär.

Şeýle halkara derejeli bäsleşikleriň guralmagy talyp ýaşlaryň öz ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmeginde pugta binýat bolýar. Ýylyň bütin dowamynda ylma höwesli müňlerçe ýaşlarymyz bu ýerde hereket edýän gurnaklara gatnaşyp, halypa mugallymlardan derslere degişli çylşyrymly meseleleri çözmegiň inçe tilsimlerini öwrenýärler. Olar ýurdumyzda we daşary ýurtlarda geçirilýän bäsleşiklere yzygiderli gatnaşyp gelýärler. Sözümizi jemläp aýdanymyzda, «Materiallaryň garşylygy» dersinden V Açyk halkara internet olimpiadasynyň geçirilmegi özara tejribe alyşmakda, bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakda we onuň gerimini giňeltmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

**Bagty ÖDEGULYÝEWA,**
**«Mugallymlar gazeti».**

# Bahar paslynda nurana baýram

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri beýik ösüşleriň, şanly wakalaryň eýýamydyr. Häzirki ajaýyp döwrümizde ýurdumyz toý-baýramlara beslenýär, halkymyz ruhubelentlik bilen toý toýlaýar. Ynha, bahar paslynyň nurana baýramy bolan Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni eziz Diýarymyzda giňden bellenildi, aýdym-sazlaryň owazy belentden ýaňlandy. Şeýle hem bu nurana baýramda halkymyzyň gadymdan gelýän milli däp-dessurlary berjaý edildi, tagamlar hödür edilip, myhmansöýerligiň, hoşniýetliligiň belent nusgasy görkezildi.**



Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde milli gymmatlyklarymyz dünýä ýaýylýar, asylly ýörelgelerimiz ösdürilýär. Milli bahar baýramy türkmen halkynyň gadymdan gelýän toýlarynyň biridir. Mälim bolşy ýaly, Nowruz bilen baglanyşykly ençeme taryhy ýazgylar hem beýan edilýär. Bu bolsa Nowruz baýramynyň ir döwürlerden bäri bellenilip gelendigini, tebigatyň ajaýyplygy hökmünde kabul edilendigini aýdyň beýan edýär. Nowruz baýramynda milli däp-dessurlara aýratyn orun berilýär. Esasan hem, bag ekmek, gözel tebigata goşant goşmak asylly ýörelge hasaplanýar. Mälim bolşy ýaly, 21-nji martda ýurdumyzda köpçülikleýin bag ekmek dabarasy hem geçirildi. Şeýle-de baýramçylyk çykyşlarynda baharyň gözelligi, ildeşlerimiziň tebigata söýgüsi şöhlelendirildi.

Dabarada ýaýbaňlandyrylan çykyşlar biri-birinden täsirliligi bilen tapawutlandy. Bu bolsa ildeşlerimiziň baýramçylygy ýokary derejede bellemäge uly taýýarlyk görendiklerini aňladýar. Pähimdar pederlerimiz Nowruz baýramyny täzelenişiň nyşany, täze durmuşyň başlangyjy hasaplapdyr. Häzirki ajaýyp döwürde bu taryhy baýram watandaşlarymyzy belent sepgitlere, täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni eziz Diýarymyzda giňden bellenilip geçilýän naýbaşy baýramçylyklaryň biri bolup durýar. Taryhyň ähli döwürlerinde Nowruz baýramynyň däpleri alysdaky we golaýdaky halklar bilen medeni gatnaşyklaryň we özara arabaglanyşygyň has-da kämilleşmegine hyzmat edipdir. Gadymy döwürden bäri dowam edip gelýän Nowruz halklaryň medeni gatnaşyklaryny ösdüripdir.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde milli toý-baýramlarymyzyň, däp-dessurlarymyzyň dünýä ýaýylýandygyny aýratyn bellemek gerek. Munuň özi milli ýörelgeleriň şöhrat-şanynyň has-da belentdigini beýan edýär. Şoňa görä-de, halkymyz Milli bahar baýramyny — Halkara Nowruz gününi uly şatlyk-şowhun bilen döwlet derejesinde belledi. Bu baýramda milli oýunlaryň hem bolmagy köňülleri buýsandyrýar. Göreş tutmak, at çapdyrmak, ýaglyga towusmak, küşt, düzzüm, ýüzük bukdy ýaly milli oýunlarymyzyň oýnalmagy, aýdym-sazyň belentden ýaňlanmagy, türgenleriň görkezýän her dürli oýunlary baýramçylyk dabarasynyň şagalaň-şowhunyny has-da artdyrdy. Eziz Watanymyzyň şöhratly ösüşlerine buýsanyp ýaşaýan bagtyýar türkmen halky gözellik baýramy bolan Nowruzda şatlyk-şowhuna beslendi. Munuň özi zamanamyzyň ösüşlerini, halkymyzyň bagtyýarlygyny aýdyň beýan edýär.

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

# NOWRUZ GELDI ILIME



Pasyllaryň soltany bahar geldi. Ajaýyp baharyň gelmegi bilen gözel tebigat janlanýar. Her paslyň öz aýratynlygy bar. Ýöne bu paslyň kalbyňy heýjana salýan, gözelligine bendi edýän täsiri bar. Dag-dereler ýaşyl dona bürenip, gül-gülälekli sähralarymyzda saýrak guşlaryň jürküldüsi, owlak-guzularyň mäleşýän sesleri özboluşly owaz döredip, gök gübürdäp ýyldyrym çakanda, kükräp-kükräp bahar çabgasy ýaganda kalbyňda üýtgeşik duýgyny döredýär. Bu bolsa öňküdenem ýazyň gözelligini artdyrýar, ýürekleri joşa getirýär, bagşyň dilinde aýdym, şahyryň dilinde şygyr bolup ýaňlanýar.

Häzirki ajaýyp zamanamyzda her ýyl geçirilýän Nowruz baýramy hem ýaz paslynyň owadan görki bilen utgaşýar. Ata-babalarymyz Nowruzy täzelenişiň nyşany, täze durmuşyň, bagtyň, berekediň gözbaşy hasaplapdyrlar. Gadymy döwürlerden bäri giňden bellenilip gelinýän Nowruz baýramy diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, dünýä halklarynda bellenilýän baýramçylyklaryň biridir.

Bu baýram ýurdumyzda şatlyk-şagalaňa, rysgal-berekede beslenip, läle-reýhan bolup gelýär. Tebigatyň ýaz paslyndan janlanyp, ajaýyp keşbe girmegi, al-elwan lybasly gelin-gyzlarymyzyň owadanlygy bilen baýramçylyk toýlarymyza aýratyn bezeg berýär. Nowruz baýramynda mährem gelin-gyzlarymyzyň taýýarlaýan süýji naz-nygmatlary, aýratynam semeni bişirmek däp bolupdyr.

Bulardan başga-da, halkymyzda Nowruz baýramy bilen bagly dessurlaryň biri hem süýji tagamlar bişirmek bolupdyr. Munuň özi halkymyzyň myhmansöýerlige uly hormat goýýanlygy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu baýramyň Zemine eçilýän özgerişleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň özgertmeleri bilen sazlaşýar.

**Hurma GARAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Balkan welaýat komitetiniň baş hünärmeni.**

# Baglar tebigatyň gözelligidir

**Eziz Diýarymyza pasyllaryň soltany bolan bahar paslynyň gelmegi bilen üýtgeşik bir janly tebigaty özünde jemleýän, daş-töweregimizi gurşap alan ösümlikleriň ählisi ýaşyl dona bürenip, al-elwan güller açylýar.**

Türkmen topragyna bahar paslynyň gelşi üýtgeşik. Baglaryň şahasyndaky saýrak guşlaryň sesleri göýä bahar paslynyň gelendigini habar berýän buşluk owazy ýaly bolup eşidilýär. Haçan-da, ol ýagyş-ýagmyry bilen kükräp gelende, tebigaty begres dona büräp, sähradyr ýaýlalary gül-gülälekler örtýär. Älem-jahan läle-reýhan bolup, tebigat täzeden janlanýar. Gülleýşiň we täzelenişiň baýramy bolan Halkara Nowruz gününiň hut şeýle ajaýyp günlerde bellenilmegi bolsa halkymyzda buýsanç duýgusyny döredýär.

Bag ekmek merdana türkmen halkymyzyň milli dessurlarynyň biri bolup, bag nahallarynyň eziz Diýarymyzyň ähli ýerlerinde, dürli künjeklerinde oturdylmagy bolsa parasatly pederlerimiziň ýörelgeleriniň mynasyp dowamydyr. Halkymyzda: «Bagym bar — barym bar» diýen nakyl bar. Şahyr Gara Seýitliýewiň:

*«Kimde-kim bir agaç ekse ýadygär,*
*Dünýä kitabynda onuň ady bar»* diýen setirleri bolsa paýhasly pederlerimizden dowam edip gelýän milli ýörelgelerimiziň şöhlelenmesidir. Baglar zemininiň gözelligi, tebigatyň eçilen peşgeşi hasaplanýar. Hut şu nukdaýnazardan ata-babalarymyz bag ekmek, gözel tebigaty aýawly saklamak ýaly asylly ýörelgeleri ösdüripdirler. Bu asylly ýörelgeler häzirki ajaýyp döwrümizde hem mynasyp dowam edilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen tebigaty goramak, bag



nahallaryny oturtmak bilen bagly uly işler durmuşa geçirilýär. Munuň özi gözel tebigatymyzyň mundan beýläk ýaşyl öwüsmegi, gözel bolmagy ugrundaky işlerdir.

Ýurdumyzda geçirilen ählihalk bag ekmek dabarasy ildeşlerimizde buýsanç döredip, baglar ekildi hem-de ajaýyp tebigatymyzyň gözelligine goşant goşuldy. Baglaryň ekilmegi, idedilmegi gözellik bilen bir hatarda, olar tebigat dünýäsini hem baýlaşdyrýar. Şonuň üçin hem arça, derek, çynar, tut we beýleki birnäçe agaçlaryň görnüşleri ýurdumyzyň tebigatynyň gözelligi bolup durýar. Biz bu gün bu baglaryň ekilmegine we idedilmegine aýratyn üns bilen garap, bu asylly işleriň has-da ösdürilýändigine tüýs ýürekden buýsanýarys.

**Sanjar ATAÝEW,**
**«Mugallymlar gazeti».**

# BEÝIK ÖSÜŞLERIŇ ŞUGLASY

**Eziz Watanymyz bedew batly ösüşlere, belent üstünliklere beslenýär. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary döwrebap ösdürilýär. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurlup ulanmaga berlen ajaýyp binalar, önümçilik desgalar, zawodlar we beýlekiler ykdysady ösüşiň ýokary derejededigini beýan edýär. Şeýle hem bu desgalar ykdysadyýetimiziň ösüşini, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny aýdyň beýan edýär.**

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem ýurdumyzyň dürli künjeklerinde täze binalar, desgalar gurulýar. Bu ajaýyp binalar halkymyzyň bähbitlerine, bagtyýar durmuşyna gönükdirilendir. Şeýle hem şu ýyl mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýy toýlanar. Bu ajaýyp we şanly senä ähli ildeşlerimiz toý sowgady belent üstünlikler bilen barýar. Ynha, eziz Diýarymyzda gurulýan döwrebap binalar bolsa şu ajaýyp senä toý sowgady bolar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, şäherleri we obalary ösdürmek, adamlaryň döredijilikli zähmet çekmegini, medeniýetli dynç almagyny we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmek ugrunda giň gerimli işler amala aşyrylýar. Munuň üçin yzygiderli kabul edilýän döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ajaýyp döwrümizde halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň barha ýokarlanýandygyna has aýdyň göz ýetirmek üçin ýurdumyzyň şäherleriniň, obalarynyň barha özgerýändigine nazar aýlamak bolar. Häzirki ajaýyp döwrümizde şäherler, etraplar we obalar gün-günden özgerýär, täze keşbe eýe bolýar. Şu ýyl mukaddes Garaşsyzlygyň şanly 35 ýyllyk baýramyny giňden belleýän eziz Watanymyzyň özygtyýarly ösüş ýoluny gurmagyň we döretmegiň, belent üstünlikleriň beýany bolup, iň täze taryha altyn harplar bilen ýazylýar.




Şu ösüşli ýyllaryň içinde Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda asyrlara barabar işler amala aşyryldy, halkymyzyň durmuş şertleri görlüp-eşidilmedik derejede ýokarlandy. Häzirki wagtda ýaşaýyş-durmuş iň döwrebap şertlere eýe boldy, adamlaryň durmuşynda sanly ulgamyň ähmiýeti artdy, täze bina edilýän ýaşaýyş jaýlary — «akylly» öýleri her bir ildeşimiz üçin eşret bolçulygy bolup durýar. Ýaşaýşyň ýokary hili, döwrebap hyzmatlar adamlaryň bagtyýar durmuşydyr, baky bagtdyr. Bularyň ählisi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň halkymyza beren peşgeşidir. Hut şu nukdaýnazardan hem, halkymyz baky bagtyýarlyga, ýurdumyzyň beýik ösüşlerine buýsanýar.

**Jahan HYDYROWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.**

# Ýaz gülälekleri

(Oýlanma)





Ýaz gelipdir, ýaşyl ýapynjasy oňa diýseň görkanalyk çaýypdyr. Owadan benewşeler birenaýy bolup durlar. Baharyň nurana keşbi hemmelere üýtgeşik nepis duýgulary peşgeş berýär.

Hawa, ajaýyp ýurdumyza bahar gelipdir. Hemme ýerde gözellik nury şugla saçýar. Enem: «Ýazyň bezegi öýlänçi» diýerdi. Bu pasylda bulut geläge-de, töweregi suw-sil edýän ýagyşly pursatlar diýseň kän bolýar. Onsoň mele toprak gursagyndaky gök otlaradyr maýsalara bat berip, üýtgeşik görklenýär. Şahyrlaryň ylhamyna ylham goşup gelen ýazda Gurbannazar Ezizowyň şu setirleri ýadyma düşýär:

*Durna, jümjümeli, älemgoşarly,*
*Ülkäme toý bolup gelen, ýazlarym,*
*Edepli-ekramly, gunduz goşarly,*
*Bäs edişdiň gyzlar bilen ýazlarym.*

Bu setirler biziň her birimiziň kalbymyzda uly buýsanç bilen ýaňlanýar. Gülälekleriň waspy bu şygyrda sungat derejesinde wasp edilipdir. Ýaza bagyşlanan şygyrlaryň aglabasynda ýaz gülälekleriniň waspy giňişleýin mazmuna eýe. Munuň özi gülälekleriň diňe meýdanlara däl, eýsem, ynsanlaryň ýüregine-de oňyn täsir edýändigini görkezýär.

Ýaz gülälekleri, siz heýjanly baharyň zynaty, ynsan göwünleriniň ganatysyňyz. Sizi synlan köňüller teselli tapyp, kalplar benduwan bolýar. Çünki siz öz görküňiz bilen kalplarda täsin duýgulary oýarýarsyňyz. Ýaşyl maýsaly pelleri özüniň damjalary bilen ezen ýagyş güläleklere-de hünji dakyp çykdy. Indi olar hasam göze gelüwli görünýär. Çünki gülälekleriň gül çanaklaryndaky bulduraşyp duran damjalar şeýle bir göwnüňi joşdurýar welin, ýazy wasp edip aýdyma hiňlenibersiň gelýär.

Ine, ýüreklere şeýle joşgun berýän ýaz bosagadan ätledi. Onuň mymyk gülleri we günleri bagtymyzyň alamaty bolup şuglalanýar. Ýaz pasly kalby gülälеklere meňzeş gözelligi hem alyp geldi. Ýakym bolup, ýalkym bolup gelen ýaz pasly hemmeleriň ýüreginde dünýäniň iň eziz ynsanlaryna — enelere bolan hormaty has-da beýgeltdi.

Goý, ýaz gülälekleri ýaly owadan ýurdumyzda şatlyk, gülki, abadançylyk höküm sürsün! Ynsan ykballary gülälekler deýin görkana bolsun!

**Bibi GURBANGELDIÝEWA,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.
SANY - 18400.
Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-118324

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.